Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň
2022-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda çykaran 17 belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Öňüni alyş sanjymlarynyň Milli tertibini, olary geçirmegiň möhletleri we hökmany sanjym edilmäge degişli raýatlaryň toparlaryny tassyklamak barada»**

2009-njy ýylyň 21-nji noýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanan Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksiniň 54-nji, 55-nji maddalaryna, 2021-nji ýylyň 13-nji martynda kabul edilen "Ýokanç keselleriň öňüni almak hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasyna, «Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 16-njy aprelinde çykaran 2230-njy karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi hakynda Düzgünnama laýyklykda we "Türkmenistanyň Prezidentiniň "Saglyk" döwlet maksatnamasyny rejelenen görnüşinde tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 26-njy martynda çykaran 2195-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Şulary tassyklamaly (goşulýar):

1) Öňüni alyş sanjymlarynyň Milli tertibini;

2) Öňüni alyş sanjymlary geçirmegiň möhletlerini we hökmany sanjym edilmäge degişli raýatlaryň toparlaryny.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň orunbasary Ç. Agamyradow we Ministriň orunbasary, Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň başlygy M.Mämmedow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **N. Amannepesow**

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş
we derman senagaty ministriniň
2022-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda
çykaran 17 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Öňüni alyş sanjymlarynyň Milli tertibi

1. Öňüni alyş sanjymlaryň Milli tertibi (mundan beýläk – Milli tertip) 2021-nji ýylyň 13-nji martynda kabul edilen "Ýokanç keselleriň öňüni almak hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de öňüni alyş sanjymlary geçirmegiň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Türkmenistanyň her bir raýatyna öňüni alyş sanjymlary tölegsiz esasynda saglygy goraýyş ulgamynyň ilkinji basgançakdaky saglygy goraýyş edaralarynyň ýagny, Saglyk öýleriniň/merkezleriniň ýa-da etrap hassahanalaryň maslahat beriş-keseli anyklaýyş bölümleriniň we çaga dogrum bölümleriniň aýratyn öňüni alyş sanjymlary geçirmek üçin niýetlenen otaglarynda geçirilýär.

3. Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan/bolýan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar Milli tertip boýunça öňüni alyş sanjymlary etdirmeklige isleg bildiren halatynda bu sanjymlar "Ýokanç keselleriň öňüni almak hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasynyň ikinji böleginde bellenilenlerden ugur alyp ýerine ýetirilýär.

4. Keseliň öňüni alyş sanjymlary geçirilende bu işleriň guralyşyna, degişli talaplaryň berjaý edilişine, öňüni alyş sanjymlaryň meýilnamalaşdyrylyşyna, geçirilen sanjymlaryň doly we dogry hasabatynyň ýöredilişine, öz wagtynda hasabatyň tabşyrylyşyna şu Tertibiň ikinji böleginde görkezilen edaralaryň ýolbaşçylary jogapkärçilik çekýärler.

5. Keseliň öňüni alyş sanjymlaryny geçirmäge degişli her bir saglygy goraýyş edarasynda keseliň öňüni alyş sanjymlarynyň meýilnamalaşdyrylyşynyň we geçirilişiniň iş tertibi hem-de degişli hünärmenleriniň jogapkärçiligi we ýerine ýetirmeli borçlary şol saglygy goraýyş edaranyň ýolbaşçysynyň buýrugynda anyk kesgitlenilýär.

6. Özüniň hyzmat edýän çäginde maşgala lukmanlar ýa-da maşgala şepagat uýalar/doganlar tarapyndan ilatyň ýaş boýunça atma-at sanawy ýöredilýär. Şeýle hem, her aýda çäk boýunça öňüni alyş sanjymlaryna degişli ýaş boýunça toparlaryň meýilnamasynyň atma-at sanawy ("öňüni alyş sanjymlaryň meýilnamasy") düzülýär.

7. Öňüni alyş sanjymlaryna degişli ýaşdaky adamlaryň toparlary boýunça özüniň hyzmat edýän çäginiň meýilnamalary esasynda Saglyk öýi/merkezi ýa-da etrap hassahanalaryň maslahat beriş-keseli anyklaýyş bölümleriniň lukmanlary, maşgala lukmanlary (ýok ýerlerde şepagat uýalar/doganlar) hem-de ugry boýunça degişli lukmanlar, immunolog lukmanlar bilen bilelikde öňüni alyş sanjymlaryna degişli ýaşdaky adamlaryň toparlary boýunça san görnüşinde meýilnamasy düzülýär.

Ýyllyk meýilnamasyna ýaşy boýunça sanjyma degişli çagalaryň ählisi, ýetginjekler, uly ýaşlylaryň bellenen toparlary we geçen ýylda dürli sebäplere görä öz wagtynda öňüni alyş sanjymlaryny almadyk çagalar goşulýar.

8. Ýurt boýunça hasabat ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna Öňüni alyş sanjymlaryna degişli ýaşdaky adamlaryň toparlary boýunça meýilnamasynyň san maglumatlary şu tertipde jemlenýär, ýagny, ilki bolan maşgala meýdançalary boýunça, olaryň netijesinde Saglyk öýi boýunça, ondan soň şäher/etrap hassahana boýunça (şäher/etrap boýunça) we soňra Saglygy goraýyş müdirligi boýunça (Aşgabat şäheri/welaýat boýunça). Aşgabat şäheri we welaýatlar boýunça jemlenen maglumatlaryň esasynda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň bejeriş-öňüni alyş bölüminde ýurt boýunça hasabat jemlenilýär.

Geçirilýän işlere yzygiderli gözegçilik geçirmek üçin şol bir hasabat senelerde bu maglumatlaryň nusgalary görkezilen saglygy goraýyş edaralarynda jemlenýär: ýagny, şäher/etrap hassahanasynda (maşgala meýdançalary hem-de Saglyk öýlerinde), ýerli (etrap/şäher) arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynda; welaýat arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynda; Jemgyýetçilik Saglygy we iýmit merkezinde; Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynda.

9. Öňüni alyş sanjymlary geçirilende, raýatlara sanjymdan öň lukmanyň deslapky gözegçiligi hem-de sanjymdan soňky döwürde lukmanyň yzygiderli gözegçiligi, öňüni alyş sanjymy geçirilýän ýokanç keselini alyp barmak boýunça beýannamasyna hem-de beýleki talaplara laýyklykda alnyp barylmalydyr.

10. Öňüni alyş sanjymlary ýörite okuwy geçip, şol sanjymlary geçirmäge rugsady bar bolan saglygy goraýyş işgärleri tarapyndan amala aşyrylýar.

11. Öňüni alyş sanjymlar raýatlara Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň tabynlygyndaky şu Tertibiň ikinji böleginde görkezilen edaralaryň öňüni alyş sanjym otaglarynda, öňüni alyş sanjymlary geçirmäge talap edilýän şertler döredilen halatynda, beýleki edaralaryň saglyk otaglarynda we/ýa-da ýörite taýýarlanan otaglarynda degişli "sowuklyk zynjyrynyň" we "immunizasiýanyň howpsuz" talaplarynyň berjaý edilmeginde hem geçirilýär. Öňüni alyş sanjymlary geçirilýän otaglarynda beýleki saglygy goraýyş emleriň geçirilmegi gadagan edilýär.

12. Öňüni alyş sanjym otagynyň enjamlaşdyrylmagy we abzallaşdyrylmagy aşakda görkezilen talaplara laýyk bolmalydyr:

1) sowadyjy enjamlaryň, ýagny waksinalary saklamak üçin ýörite niýetlenen sowadyjylaryň, ýeterlik sanda termosumkalaryň, termoslaryň, termokonteýnerleriň we olar üçin hladogenleriň bolmagy;

2) beýleki enjamlaryň we gurallaryň - kwars ýa-da bakterisid çyrasynyň, derman serişdeleriniň we gurallar üçin tekjäniň, zyýansyzlandyrylan (sterirlenen) serişdeler saklanylýan biksleriň, pinsetleriň, gundag stolunyň we/ýa-da kuşetkanyň, sanjymlary geçirmäge taýýarlanmak üçin stolunyň, resmi hasabat görnüşlerini doldurmak üçin stolunyň we hasabat görnüşleri saklanýan tekjäniň, zyýansyzlandyryjy erginli gabyň, ulanylan serişdeleri (iňňeler, şprisler, pamyk), waksinanyň çüýşelerini howpsuz saklamak we ýok etmek üçin gutynyň bolmagy;

3) gaýragoýulmasyz we şoga garşy derman serişdeleriň toplumynyň, beýleki ulanylýan serişdeleriň (naşatyr spirti, 70% etil spirti) hem-de enjamlaryň (tonometr, termometrler, birgezeklik ulanylýan şprisler, elektrosorujy, şpatel, dili saklaýjy enjam) bolmagy;

4) elleri gigiýeniki taýdan arassalamaga degişli ýerlerde, otaglarda arassalaýyş we zyýansyzlandyryş işleriniň geçirmeginiň düzgünleri barada ýazmaça degişli ýerde asylan gözükdirijileriň bolmagy;

5) ulanylýan waksinalaryň ähli görnüşleriniň ulanylyşy barada gollanmalaryň bolmagy;

6) otagyň sanitar-tehniki ýagdaýy (yşyklandyryş, wentilýasiýa, ýyladyş ulgamlary, otagyň içerki ýagdaýy (örtügi) bejeriş-öňüni alyş edaranyň beýleki sanjymlary (emleri) geçirilýän otagyna bildirilýän talaplaryna laýyk bolmagy.

13. Öňüni alyş sanjymlaryny geçirýän saglygy goraýyş işgärleriniň olary geçirmegiň meseleleri boýunça degişli taýýarlygy bolmalydyr we olar sanjym geçirilýän adamlara ýa-da olaryň kanuny wekillerine öňüni alyş sanjymlarynyň netijeliligi hakynda we sanjymdan soňky bolup biljek gaýraüzülmeler hakynda dogry maglumat bermäge borçludyrlar.

14. Öňüni alyş sanjymlary adamyň lukmançylyk gözden geçirmesi geçirilenden soň, onda degişli saglygy goraýyş taýdan garşy görkezmeler bolmadyk halatynda geçirilýär.

15. Kämillik ýaşyna ýeten adamlara öňüni alyş sanjymlary sanjymlar, olardan ýüz dönderilmeginiň netijeleri we sanjymdan soň bolup biljek gaýraüzülmeler hakynda dogry maglumat berlenden soň, olaryň razylygy bilen geçirilýär. On bäş ýaşa ýetmedik ýa-da kanunda bellenen tertipde kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamlara öňüni alyş sanjymlary olaryň dogry maglumatlar berlen ata-enesiniň ýa-da beýleki kanuny wekilleriniň razylygy bilen geçirilýär. On bäş ýaşdan on sekiz ýaşa çenli ýa-da kazyýet tarapyndan kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilen adamlara öňüni alyş sanjymlary dogry maglumat berlenden soň, olaryň razylygy bilen we ol adamlaryň dogry maglumat berlen ata-enesiniň ýa-da beýleki kanuny wekilleriniň razylygy boýunça geçirilýär. Eger adam we (ýa-da) onuň kanuny wekilleri hökmany öňüni alyş sanjymlaryndan ýüz dönderse, lukmanlaryň olardan degişli ýazmaça tassyklamany almaga, şeýle tassyklamany bermekden ýüz dönderen halatynda bolsa, şaýatlaryň gatnaşmagynda ony ykrar haty bilen tassyklamaga hukugy bardyr.

16. Öňüni alyş sanjymlarynyň Milli tertibine laýyklykda öňüni alyş sanjymlaryny almadyk çagalara çagalar edaralarynda bolmaga rugsat berilmeýär. Çagalara öňüni alyş sanjymlary saglygy goraýyş taýdan garşy görkezmeleri bilen baglanyşykly bellenen möhletleriň bozulmagy bilen geçirilen ýagdaýynda amatly epidemiýa ýagdaýy bolan halatynda degişli lukmanlaryň maslahatynyň (konsiliumynyň) çözgüdi boýunça olar degişli çagalar edaralaryna kabul edilip we ol ýere baryp biler.

17. Öňüni alyş sanjym işleri ulanylmaga rugsat edilen waksinalar bilen geçirilýär.

18. Immunobiologiki serişdeleriň daşalmagy we saklanmagy, olary ulanmak boýunça gözükdirijide görkezilen temperatura şertleriniň berjaý edilmegi bilen amala aşyrylmalydyr.

19. Öňüni alyş sanjymlary geçirilýän çäklerinde (desgalarda) ýörite toparlaryň we tutuş ilatyň arasynda ýokanç kesellere garşy öňüni alyş sanjymlar bilen gurşawyň indikator görkezijilerine (95%-den pes däl) ýetmegini gazanmaly. Ilatyň arasynda öňüni alyş sanjymlaryndan esassyz (saglygy goraýyş taýdan garşy görkezmesi bolmadyk ýagdaýynda) ýüz öwürýän adamlardan olaryň boýun gaçyrýandygynyň sebäplerini anyklamalydyr, olar bilen aýratyn düşündiriş, wagyz-nesihat işlerini geçirilmelidir.

20. Immunizasiýa işleriň geçirilmegine degişli saglygy goraýyş işgäri, onuň hasaba alnyşynyň takyklygyny we anyklygyny üpjün edýär. Öňüni alyş sanjymynyň ýerine ýetirilmegi baradaky aşakdaky maglumatlar hasaba alynmaga degişlidir:

1) serişdäniň (waksinanyň) edilen senesi;

2) serişdäniň ady;

3) serişdäniň mukdary;

4) serişdäniň belgisi;

5) serişdäniň ulanyş möhleti;

6) sanjymdan soňky täsiriň (bolan halatynda) häsiýeti.

Ýokarda görkezilenler saglygy goraýyş resminamalarynyň hasaba alnan görnüşlerine girizilýär.

21. Milli tertibe girizilen öňüni alyş sanjymlaryny geçirmek üçin immunobiologik serişdeleriň getirilmegi Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

22. Öňüni alyş sanjymlarynyň statistiki hasaba alnyşy we hasabatlylygy boýunça resminamalar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş
we derman senagaty ministriniň
2022-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda
çykaran 17 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Öňüni alyş sanjymlary geçirmegiň möhletleri we hökmany sanjym edilmäge degişli raýatlaryň toparlary

| **Öňüni alyş sanjymlary geçirmegiň möhletleri we hökmany sanjym edilmäge degişli raýatlaryň toparlary** | **Öňüni alyş sanjymlaryň görnüşleri** | |
|---|---|---|
| Bäbekler, dogulandan soň ilkinji 24 sagadyň dowamynda | Wirusly gepatitiň B görnüşine garşy | WGB$_1$ |
| 2-3 günlük bäbekler | Inçekesele garşy | BSŽ$_1$ |
| | Poliomiýelit ýokanç keseline garşy | OPW$_0$ |
| 2 aýlyk bäbekler | Gökbogma, difteriýa, bürme ýokanç kesellerine, wirusly gepatitiň B görnüşine we Hib ýokanjyna garşy | AGDB$_1$-WGB$_2$-Hib$_1$ |
| | Poliomiýelit ýokanç keseline garşy | OPW$_1$ |
| | Pnewmokokk ýokanjyna garşy | PKW$_1$ |
| | Rotawirus ýokanjyna garşy | Rota$_1$ |

| | | |
|---|---|---|
| 3 aýlyk bäbekler | Gökbogma, difteriýa, bürme ýokanç kesellerine, wirusly gepatitiň B görnüşine, Hib ýokanjyna garşy | $AGDB_2$-$WGB_3$-$Hib_2$ |
| | Poliomiýelit ýokanç keseline garşy | $OPW_2$ |
| | Poliomiýelit ýokanç keseline garşy | IPW |
| | Rotawirus ýokanjyna garşy | $Rota_2$ |
| 4 aýlyk bäbekler | Gökbogma, difteriýa, bürme ýokanç kesellerine, wirusly gepatitiň B görnüşine, Hib ýokanjyna garşy | $AGDB_3$-$WGB_4$-$Hib_3$ |
| | Poliomiýelit ýokanç keseline garşy | $OPW_3$ |
| | Pnewmokokk ýokanjyna garşy | $PKW_2$ |
| | Rotawirus ýokanjyna garşy | $Rota_3$ |
| 12-15 aýlyk çagalar | Gyzamyk, gyzylja, hapgyrtma ýokanç kesellerine garşy | $MMR_1$ |
| | Pnewmokokk ýokanjyna garşy | $PKW_3$ |
| 18 aýlyk çagalar | Gökbogma, difteriýa, bürme ýokanç kesellerine garşy | $AGDB_4$ |
| | Poliomiýelit ýokanç keseline garşy | $OPW_4$ |
| | Wirusly gepatitiň A görnüşine garşy | WGA |
| 6 ýaşly çagalar | Difteriýa, bürme ýokanç kesellerine garşy | ADB |
| | Gyzamyga, gyzylja, hapgyrtma ýokanç kesellerine garşy | $MMR_2$ |
| 9 ýaşly çagalar | Adamyň papilloma wirusyň döredýän howply döremelerine garşy | $APW_1$ |
| | | $APW_2$ |
| 14 ýaşly çagalar | Inçekesele garşy | $BSŽ_2$ |
| 15 ýaşly çagalar | Difteriýa, bürme ýokanç kesellerine garşy | ADB-$M_1$ |
| 25 ýaşly adamlar | Difteriýa, bürme ýokanç kesellerine garşy | ADB-$M_2$ |

Bellik: Adamyň papilloma wirusyna garşy waksina bilen öňüni alyş sanjymlaryň birinji we ikinji dozasynyň aralygy 6 aýdan az bolmaly däl.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2022-nji ýylyň 18-nji fewralynda 1564 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.